**TAÑRYSYNY TANAMAZA KÄN SALAM!**

*«…Otly barýar süýnüp-süýnüp,*
*Täze taryh barýar, ylla!*
*Gözüň aýdyň, gözel ilim,*
*Halha, düşüp gelýär Alla!»*

**Baýram Jütdi, "Abat",**
**"Edebiýat we sungat", 1999 ýyl, 1-nji oktýabr**

Baýram Jütdiñ pygamberi ölüpdir,
Musulmanlar, eşidiñ oñ zaryny!
Pelek onuñ gara bagryn dilipdir,
Alypdyr elinden biribaryny!..

Päli azyp, paşmagyna gol urdy,
Päli azyp, Alla diýdi ol hana.
Wezipe, pul üçin bet oýun gurdy,
Şeýdip, ahyretin goýdy gümana.

"Öl" diýilse, togalandy ol külde,
Lal boldy, diýilse: besdir, kes sesiñ!
Mesirgäp gezjekdi ol erksiz ilde,
Şonuñ üçin täzeläpdi messebin…

Dinden hem imandan tapman hemaýat,
Bilmän, ygrar, lebiz diýen gymmaty,
Täze dine girip, okady aýat,
Boldy şeýdip, Türkmenbaşyñ ymmaty!

Baýram Jütdi, eger saña pent etsek,
*(Hasamyz ýok dürtmäge ýa urmaga.)*
Ýöne senem bir zady bil, bimessep:
Din hammam däl, girip-çykyp durmaga!

Pany saña haram – gitdi ägirdiñ,
Takal okap ýörme toba, din hakda.
Ýanyña-da al-da Ýowşan şägirdiñ,
Müjewür bol, bar-da, indi Gypjakda!

**A.Welsapar**